# Paýhasyñ gözi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Paýhasyñ gözi Ogujemal ÇARYÝEWA

▶ PAÝHASYÑ GÖZI

Aýyñ suwa düşen şekili ýaly,
Ýûregimde öwsüp gitdi didaryñ.
Niçikdir ir güllän erigiñ haly,
Gyş gijeler bir ýylylyk idärin.

Enemden galypdyr bir çemçe sabyr,
Men ony sakladym altyn käsämde.
Pikir çümmükleýär – ol maña jebir,
Agyr bolýar paýhas siltäp kösände.

Sen bolsañ dost sözün aýdyp bileñok,
Entekler göweçde saklarsyñ belki.
Altynu apalap kümşe geleñok,
Bir wagtlar öz bolşuñ özüñe gülki
bolar,
şonda eräp gider doñ sözüñ.
Ýöne derýa bolup akmak keseden
gerek däl,
açdym men paýhasyñ gözün,
Adam adam bolmaz, özün pes eden.

Bu ýoldan bizden öñ ençeler geçen,
Bizi synag eläp otyr elekde.
Ojaklar ot ýakan, ojaklar öçen,
Öçeni kim ýaksa ömri telek däl.

Bir görseñ çyn deýin, bir görseñ matal,
Ýöräne don ýapar durmuş ahwaly.
Sen ~ sensiñ,
da:ş dälsiñ bir ýolda ýatan,

Jyga saý, göterip barýan ykbaly. Goşgular